Magtymguly Pyragynyň «Kysasy Rabguzy» eserini öwran-öwran okandygynyň, ondan täsirlenendiginiň aýdyň mysalyny şahyryň bu eserdäki wakalar bilen baglanyşykly 20-30-a golaý şygyrlar ýazandygy bilen hem esaslandyrsa bolar. Mysal üçin, Ýu-sup kyssasy bilen baglanyşykly şygyrlary nazara almanyňda hem (bu kyssa barada yzda aýratyn gürrüň ediler), «Ynsan ýaratdy», «Gelende bardyr», «Şalyk bile», «Duman göterler», «Pisat dünýädir», «Arap dilli söwdügim», «Ýerbe ýer geçdi», «Haky çün», «Pelegidir», «Ekip geç di», «Adam ata bilen duşdy», «Öter bu dünýä», «Çyka bilmez sen», «Aýrylmadymy», «Köp jan çekipdir» we ş.m. şygyrlaryny my-sal getirmek bolar.

Şahyr öz diwanynda diňe bir «Kysasy Rabguzy» eserindä-ki belli-belli şahslar, pygamberler, ýagşyzadalar hakynda gürrüň etmän, eýsem kitapdaky Adam atanyň ýaradylyşy, How ene bilen baglanyşykly wakalar hakynda hem birin-birin gürrüň berýär. Muny

108şahyryň «Ynsan ýaratdy» atly goşgusynyň mysalynda has aýdyň göz ýetirmek bolýar:

Bir Allaga aýdaý hamdy-senalar,

Bir gysym toprakdan ynsan ýaratdy.

Ten kapasyn kylmak üçin münewwer,

Jan nurundan şemgy-taban ýaratdy.

Owwal-a ýaratdy Adam atany,

Oňa jübüt eýledi Howa enäni,

Firdöwsi-aglada berdi mekany,

Oňa duşman melgun-şeýtan ýaratdy.

Şygyrdan görnüşi ýaly, Magtymguly Pyragy şu iki bendiň üsti bilen Adam atanyň ýaradylyşy hakyndaky wakalara okyjynyň ünsüni çekýär. Bu maglumatlar Nasyreddin Rabguzynyň «Kysasy Rabguzy» eserinde on bir pasyla bölünip berlipdir we onda Adam ata we How ene bilen baglanyşykly wakalar giňişleýin beýan edilýär2. Şahyr «Ekip geçdi» atly şygrynyň üsti bilen «Kysasy Rabguzy» eseriniň içindäki ýagşyzadalar, pygamberler we olaryň kesp-kärleri bilen baglanyşykly wakalara okyjynyň ünsüni çekýär. Şahyr bu goşgynyň başyny: «Her

Все права защищены

pygamber bir kesp açdy, Kesbin mydam edip geçdi» diýip başlaýar. Soňra ol: «Öz döwründe Nuh pygamber, Nesjar işin tutup geçdi», «Idris köýnek tikip geçdi», «Hakyň ýolunda Ybraýym, Janyn oda ýakyp geçdi», «Gurt Eýýubyň tenin iýdi», «Hasasyn göterip gola, Musa goýun bakyp geçdi», «Ýunus balygyň garnynda», «Ýusubyň käkilin zarlap, Ýol üstünde Ýakup geçdi», Resululla ol kuraýşdan, Ne jepalar çekip geçdi»3 diýip, «Kysasy Rabguzydaky» wakalar barada çeperleşdirip gysgaça maglumatlar berýär.

**Aýnur ANNAÝEWA**

**Aşgabat şäheriniň mehaniki-tehnologiki**

**orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy**

Все права защищены